# Internet-Banking ulgamy boýunça
# Gollanma

1. Internet bankyň hyzmatlaryndan peýdalanmak üçin müşderiniň bank karty SMS hyzmatyna birikdirilen bolmalydyr;
2. Her bir müşderi Internet banking ulgamyna birikmek üçin TMCELL öýjükli telefony we pasporty bilen bank kartyny beren bankyna ýüz tütmaly;
3. Bank tarapyndan Internet banking ulgamynda hasaba alnandan soň, müşderiniň telefon belgisine SMS arkaly bir gezeklik login/parol iberiler, bu SMS habary Ulanyjynyň adyny hem-de açarsözüni aňladýar;
4. Internetiň http://ib.gov.tm/ib/ salgysynda Internet banking ulgamynyň giriş sahypasy açylýar, bu sahypada “Ulanyjynyň ady” we “Açarsöz” ýaýlalarynda SMS arkaly gelen login/parol girizilýär;
5. Android telefonlery üçin Mobil banking programmasyny Türkmenistanyň "Halkbank" döwlet täjirçilik bankynyň Internet sahypasyndan http://www.halkbank.gov.tm/sites/default/files/halkbank.apk alyp, telefonyňyza gurnap bilersiňiz.
6. Internet banking ulgamyna girende özüňize amatly dili saýlap bilersiňiz:




1. Öz ulanyjy adyňyzy (loginiňizi) we parolyňyzy girizeniňizde «***Baş sahypa***» açylýar:




Baş sahypada Siz öz kartyňyz baradaky maglumatlary görüp bilersiňiz.

2. «***Hasaplar***» sahypasynda hasabyňyzdaky elýeterli serişdeleri görüp bilersiňiz.



3. «***Kartlar***» sahypasynda kart hasabyňyzy görüp we kartyňyzy bloga goýup/açyp bilersiňiz;
4. «***Tölegler***» sahypasynda Siz tölegleriň görnüşini saýlap, bu tölegi ýerine ýetirip bilersiňiz:




Islendik töleg amallary ýerine ýetirilende telefonyňyza gelýän SMS-kody bilen tassyklanylmalydyr:




5. «***Täzelikler***» sahypada internet-banking ulgamyna degişli bolan täzelikleri okap bilersiňiz

«***Sazlamalar***» ýaýlasynda Internet-banking ulgamyna girmek üçin ulanyjynyň adyny we açarsözüni (parolyny) üýtgetmek mümkinçiligi bardyr:

